# Nohurdan gelýärdim…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Nohurdan gelýärdim… NOHURDAN GELÝÄRDIM…

Nohurdan gelýärdim, ýüküm almady,
Bir gözele duşdum—nazar salmady.
Içdim gana-gana çeşme suwundan,
Ýöne weli gyzdan gözüm ganmady.

Nohurdan gelýärdim, ýüküm enardan,
Bir gyza sataşdym—boýy çynardan.
Şol tez maral gaýyp boldy gözümden,
Wah, tez maral meni ýakyp-ýandyran.

Nohurdan gelýärdim, ýüküm üzümdi,
Baglarynda üzüm düzüm-düzümdi.
Alma ýaňak, çynar boýly enar gyz—
Ýoluma garaýan gara gözümdi.

09.10—16.12.2010ý.

▶ÝÜREK

Dost gitdi kyrkynda,
Ýygladyň, ýürek.
Atanyň agysyn aglap,
Jahana sygmadyň, ýürek.
Duz-emek bolanyň haýýarlygyny
Geňlediň, ýürek.
Jyda düşüp syrdaşdan,
Eňrediň, ýürek.
Azar çekip gardaşdan
Iňlediň, ýürek.
Perzent atly şeýtanyň
Ezýetine çydadyň, ýürek.
Şeýde-şeýde altmyş ötdi,

Diýmediň “Ýadadym!”, ýürek.

Tilkileriň zeperinden,
Eşekleriň deperinden,
Kyrk emjegiň “çeperinden”,
Aman sakladyň, ýürek.
Gidip şeýtan alyna,
Eräp-akmadyň ýürek.

Sen urýakaň gursakda,
Diri men her pursatda.
Eý, sen hökmurowanym,
Saňa bagly dowamym.
Eý, melhem ýürek,
Hem merdem ýürek!

22.03.2011ý.

▶ AWAZANYŇ AÝDYMY

Çarlaklaryň oýnundan
Baksaň gözüň doýmaýar.
Tolkunlaryň owazy
Öz erkiňe goýmaýar.

Durky bilen tebigat
Eýlenipdir owaza.
Jana melhem tenekar,
Myhman barsaň Awaza.

Gözellikden hanasy,
Aşyk ynsan balasy.
Bardyr haýran galasy,
Gül-gülüstan, Awaza.

Eşreti bar, eşreti,
Her damjasy eşrepi.
Ýatdan çykmaz hezzeti,
Myhman barsaň Awaza.

Gelip gören haýrandyr,
Owazasy ýaýrandyr.
Şanyna dil saýrandyr,
Dilde dessan, Awaza.

26.03,2010ý.

▶ TÜRKMENIM

Röwşen tapdy Bagtyýarlyk galkymy,
Nura çaýdy Türkmenistan halkymy.
Gurulmyş binanyň polat Galkany,
Gezýär sahawatyň Zemin, türkmenim.

Sarsmaz sütümi sen gadym asyryň,
Oguz han türkmenden gaýdýandyr aslyň.
Görogly gaýratyň, Gorkut paýhasyň,
Paýyň bar Jemşitli jamdan, Türkmenim.

Gündogar, Günbatar, saňa maýyldyr,
Alkyşnama ýüreklerde jaýyňdyr.
Paýhasyndan eziz Watan gaýymdyr,
Beýik taglymatyň–Ynsan, Türkmenim.

Ýaşamak ne hezil, döwür ajaýyp,
Ömre ömür goşýan ömür ajaýyp.
Watanyň adyny jahana ýaýyp,
Başyn egýär saňa Zaman, Türkmenim.

29-30-.04.2011 ý. Goşgular